# Eýranly aktrisa Parastu Salehiniñ gözünden Eýrandaky wakalar: Duýgudaşlyk we raýdaşlyk bu diktaturany soñlandyrar

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik
написано kitapcy | 25 января, 2025
Eýranly aktrisa Parastu Salehiniñ gözünden Eýrandaky wakalar: Duýgudaşlyk we raýdaşlyk bu diktaturany soñlandyrar PARASTU SALEHI: DUÝGUDAŞLYK WE RAÝDAŞLYK BU DIKTATURANY SOÑLANDYRAR




*Eýranda 22 ýaşly Mahsa Amininiñ 2022-nji ýylyñ 16-njy sentýabrynda «ahlak polisiýasy» tarapyndan tussag edilmeginden soñ aradan çykmagy bilen başlanan demonstrasiýalar tutuş ýurdy gaplap aldy.*
*Eýranyñ totalitar we konserwatiw hökümeti ýurdyñ içinde öñem wagtal-wagtal reformalardyr özgerişliklere çagyryşlara we tolgunşyklara sebäp bolup durýar.*
*2018-nji ýylda hökümete garşy bolup geçen köçe çykyşlary Eýranyñ rewolýusion güýçleri tarapyndan basylyp ýatyrylypdy. Şol wagt sosial mediýa we internet aragatnaşygy hem çäklendirilip, demonstrasiýaçylaryñ aragatnaşyk mümkinçiliklerine bökdençlik döredilipdi.*
*Ýöne soñky günlerdäki üýtgeşmeler öñki reformalara çagyryşlardan has täsirli we giñişleýin görnüşde garşymyza*

*çykdy.*
*Amerikan habar beriş serişdeleri bilen bir hatarda bütin dünýäniñ habarlar agentlikleri we sosial mediýa arkaly berilýän goldawlar bolup geçýänleri Eýranyñ daşyna ýaýyp, dünýä jemgyýetçiliginiñ arka duran hak-hukugyñ we azatlygyñ ymtylyşyna öwürdi.*
*«Independent» habarlar gullugy eýranly meşhur aktrisa we modelýera Parastu Salehi bilen Eýranda bolup geçýän wakalar hakda gürrüñdeş boldy.*



– Özüñiz hakda aýdaýsañyz?
– Men Tähranda doguldym, häzir kyrk dört ýaşymda. Aktrisalyk we modelýeralyk bilen geçen sungat karýeramyñ ýigrimi bäşinji ýylyna gadam basdym. On ýedi ýyla golaý wagt bäri ýüzden gowrak teleserialda we çeper filmde oýnadym.
Eýrandaky totalitar režim meni aktiwistka bolmaga mejbur etdi we men halkymyñ sesi bolmak üçin öñe çykdym. Olaryñ azatlyk ugrundaky göreşinde ýanynda bolmagy özüme maksat edindim. Jemgyýetiñ talaplaryny belent ses bilen gygyrmaga çekinmedim. Edýän tankydy belliklerim we protestlerim üçin eýran sudlarynda garşyma birnäçe gezek derñew işleri açyldy, ahyrynda daşary ýurda çykmak gadagan edildi.
Bu gadagançylygyñ möhleti geçen badyna men Türkiýä göçdüm we häzirem Türkiýede ýaşap ýörün.



• **«Eýranda yslam respublikasynyň bardygyna ynanamok»**

– Eýran rewolýusiýasyndan soň wagtal-wagtal reformalar geçirmäge edilen çagyryşlaryň yzysüre eýran halkyna we hususanam aýal-gyzlara edilýän basyşlar barada aýdaýsaňyz?

– Men Eýranda yslam respublikasynyň bardygyna ynanamok. Biz yslam dininden daşda, diňe diktatorlyk bilen dolandyrylýan ýurt. Başga zat däl.
Garyplyk, adalatsyzlyk, jemgyýetçilik durnuklylygyň we asudalygyň üpjün edilmeýşi jemgyýete, hususan-da ýaşlara hem-de aýal-gyzlara garşy edilýän basyşlar adamlarda çuň ýaralary emele getirdi.
Ýigrimi iki ýaşly Mahsa Amininiň öldürilmegi bu ýaralary birdenkä açdy. Indi eýran halky azatlygyny gazanmak üçin ähli şäherlerde şirin janlaryny orta goýup göreşýär.
Eýran halkyna garşy gönükdirilen basyşlar köçä çykyp azatlygyny talap eden adamlara polisiýanyň zulumy bolup inişi ýaly, şol bir wagtyň özünde edilýän zulumlary fotosurata düşürip ýa-da wideoýazgy edip paýlaşýanlara her dürli haýbatlar atylýar.
Aýratynam, internet we sosial mediýa aragatnaşygynyň çäklendirilmegi bilen birlikde eýran halkyna dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan berilýän goldawyň hem ýoly baglanmaga synanşylýar.



- **«Türkiýede zenan bolup ýaşamak Eýrana garanda elhalrak»**

– Türkiýede zenan bolmak bilen Eýranda zenan bolmagyň arasynda nähili tapawutlar bar?

– Zenan hökmünde Türkiýede geçiren soňky bir ýylyma göz aýlanymda, Eýrandaky ýaşaýyş-durmuş ülňülerine ýigrenç bilen seňrigimi ýygryp seredýärin.
Türkiýede zenan bolup ýaşamak Eýranda garanda elhalrak, çünki bärde örtünip gezmäge mejbur edýän ýok, aýal-gyzlar isläni geýip we ýüz-gözlerini makiýaž etdirip bilýärler.
Adamlar has mähir-mylakatly, käbir aýallaryň dagy it gezdirip ýörendigini görýärin.
Eýranda aýala haýwan saklamak bolanok. Türkiýedäki häzirki azatlyklar aýal bilen erkegiň arasyndaky gatnaşyklary güçlendirýär.
Eýrandaky basyşlar sebäpli aýal-erkek deňliginden, aýal bilen erkegiň arasyndaky jemgyýetçilik gatnaşygyndan we integrasiýasyndan söz açmak mümkin däl.
Türkiýede ösen ýurtlara garanda aýal-gyzlaryň azatlygy babatda käbir gowşak taraplarynyň bardygyny aýdyp bolar, ýöne umuman alanda Türkiýedäki aýal-gyzlar Eýrandaky aýal-gyzlardan has erkin ýaşaýar.

– Sungat adamsy hökmünde Eýranda ýaşamagyň sungatyň erkin we köptaraply dinamikalaryna nähili oňaýsyz täsirleri bar?

– Eýranda döredilen sungat eserlerine baha berýän hil gözegçiligi departamenti bar. Departamentiň ülňüleri dolulygyna erkek gegemonlygyny edýän aňyýetiň netijeleri bilen

hereket edýär.

Zenanlaryň oýnaýan kinofilmlerinde we teleseriallarynda aýal-gyzlaryň duruşy, seredişi, geýnişi, göwresini hereketlendirişi erkekleri gyjyndyrmajak şekilde bolmaly.

Şol sanda başýapynjaly bolmaly, boýnuň we gulaklaryň görünmeli däl. Şular ýaly çäklendiriji galyplarda tomaşaçyny tolgundyrmak we roluny hakyky manysynda oýnamak aktrisalara örän kyn düşýär.

Ýene bir zady aýdyp geçmek gerek, olam eýranly sungat işgärlerine pikir-düşünjelerini açyk beýan etmek gadagan, sungat işgärleri yzygiderli diýen ýaly soraga çagyrylyp, basyş astynda saklanýar.

Sungatyň arassa we azat şertlerde täze eserleri dünýä indermegine şular ýaly basyşlar ýol bermeýär.



**• «Ýurdumyň aýal-gyzlarynyň batyrgaýlyk we mertlik bilen hak-hukuklaryny talap edip gygyryşlaryny görendigime buýsanjym çäksiz»**

– Soňky tolgunşyk bütin dünýäden goldaw tapdy, bu goldaw size nähili duýgulary berýär?

– Eýranda ýüze çykan we köpçülikleýin häsiýete öwrülen bu tolgunşyk ýurdumyň aýal-gyzlarynyň batyrgaýlyk we mertlik bilen hak-hukuklaryny talap edip gygyryşlaryny görkezendigi çäksiz buýsanç duýgusyny başdan geçirmegime sebäp boldy.

Eýran halky sosial mediýa arkaly başdan geçirýän wakalaryny ähli reallygy bilen ýer ýüzüne görkezdi. Wirtual dünýä eýran halkynyň hakly tolgunşygyna örän gowy goldaw berdi.



- **Duýgudaşlyk we raýdaşlyk bu diktaturany soňlandyrar**

– Häzir Eýrandaky soňky ýagdaýlar nähilikä?

Eýranda häzirki ýagdaý örän durnuksyz. Her gün protestçileriň birnäçesi tussag astyna alynýar we gynansak-da köçä çykan ildeşlerimiziň käbiri wepat bolýar. Sungat işgärleri we sport türgenleri halky goldaýandygy üçin tussag edilýär.
Wakalaryň geriminiň hasam giňejegini çak edýärin. Halky dogry we strategik taýdan dolandyrmaga ukyply lider bolmandygy üçin bardy-geldi hökümet öwrülişigi bolmaýan ýagdaýynda-da, Eýranyň azatlygyna gowuşjagyna ynanýaryn.



Sözümiň soňunda Türkiýäniň ynsanperwer we mylakatly adamlaryna, sungat işgärlerine tüýs ýüregimden minnetdarlygymy bildirmek isleýärin. Eýran halkyny doganlyk halk hasaplamagyňyz biziň depämizi gök diredýär.
Mümkin bolan wagtlarda Eýranda türk seriallaryna sypdyrman tomaşa edilýär. Eýran halky sizi özüne ýakyn görýär.
Bize berýän goldawyňyz içimizde umyt uçgunyny döretdi. Goldawyňyzy we sylagyňyzy halkymyz hiç haçan ýatdan çykarmaz.




Deniz UNAÝ,
sosial mediýa boýunça ýörite hünärmen.
denizunay@gmail.com

06.10.2022 ý. Söhbetdeşlik